Iş ýerimden soraman alan zatlarymy näme etmeli?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Sorag: Esselämu aleýkum muslim doganlar! Mende şeýleräk çylşyrymly sorag ýüze çykdy! Kimiň öýünde ýüp ýaljak haram zat bolsa, doga-dilegi kabul däl diýilýär. Indi şeýle sorag: Biri hökümet işinde işleýän wagtynda, hökümete degişli bolan turba ýa-da galaýy we şuňa meňzeş zatlary iş ýerinden birugsat alýar! Alan zatlaryny hem öz öýü üçin ulanýar! Soňra bolsa bu eden işiniň haramdygyna düşünýär! Indi bu adam näme etmeli, şol zatlary öýünden söküp yzyna tabşyrmalymy ýa-da hökümede pul bermelimi? Sag boluň!

Jogap:

Waleýkum esseläm we rahmetullahi we barakatuh.

Biz siziň soragyňyzyň jogaby üçin **Medinedäki Yslam üniwersitediniň** mollymlaryndan biri bolan, hadysçy **Şeýh Doktor Abdullah el-Buhara** ýüzlendik!

Siziň soragyňyza Şeýhiň jogaby şu:

1- Toba etmeli!

2- Hökümetden birugsat alan zadyny yzyna tabşyrmaly!

Medine Yslam Uniwersitediniň mollymy: Şeýh Doktor Abdullah el-Buhari.

Peýda üçin tobaň şertlerini ýatlatmagy makul bildik!

Tobaň şertleri:

1-Eden ýa-da edip duran günäsini, derrew terk etmeli!

2-Eden günäsi üçin ökünmeli, puşman bolmaly!

3-Günäni gaýtadan etmezlige karar bermeli!

Eger üç şertden biri kem bolsa, toba kabul bolmaz!

Eger-de eden günäsi ynsanlardan biriniň haky bilen baglanşykly bolsa, onda tobaň şerti dört bolýar! Ilkinji üçüsi ýokarda aýdanlarymyz!

Dördünjisi bolsa kime haksyzlyk eden bolsa, şondan ötünç dilemek: Mysal üçin: Eger biriniň mal-mülkinden bir zat ogyrlan bolsa, ol zady yzyna gaýtarmaly ýa-da ogyrlan zadynyň eýesinden ötünç sorap, hakyny halal etdirmeli!

Başgada muňa mysal höküminde töhmet, gybat ýaly bir kişä haksyzlyk edilen ýagdaýlary mysal berip bileris!

Haram iýen kişiniň doga-dileginiň kabul bolmaýandygynyň delili Sahyh Muslimde geçen hadysdyr.

Ebu Hureýreden (radiallahu anh) rowaýat edilýär: "Soňra Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem)**uzak ýolagçylyga çykan, saçy bulam-buçar we üsti başy tozanly adam barada gürrüň berdi. Ol kişi ýolda ellerini göterip Allaha: Ýa Robbi, Ýa Robbi diýip, ýalbaryp doga-dileg edýärdi.** Emma onuň dilegi kabul bolmaýardy. **Çünki onuň iýeni haram, içeni haram, geýeni haram we haram iýdirip ulaldylan.** Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) hadysyň soňunda: **Nädip Allah Tagala onuň dilegini kabul etsin diýýär!?**"[1]

Ol kişi dar ýagdaýda galan bolsada, Allah Tagala onuň dilegini kabul etmeýär.

Bu hadysda gaty möhüm zat barada habar berilendir eziz musulman doganlar! Kim haramdan iýse, içse, geýse, iýdirilen bolsa, doga -dilegi kabul boljak däldir!

Nireden we nämeden gazanç edýänimize, çagalarymyza näme iýdirýänimize gaty üns bereliň doganlar!

Haram iýýän adamyň, wagtyň geçmegi bilen edeb-haýasynyň gidýänligi, binamyslaşýanlygy görilýän zatdyr.

Günümizde jemgyýetimizň içinde haýasyzlygyň köpelýänliginiň bir sebäbi hem şudyr!

Näme günä etsekde, hökman toba edeliñ! Toba gapysy hemişe açykdyr! Günä etmek, ýalñyşmak ynsan ogluna mahsus zatdyr. Emma esasy zat, günäden toba etmekdir.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu barada şeýle diýýär: **“Günäsine toba eden kişi, göýä ol günäni hiç etmedik kişi ýalydyr.”** [2]

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

1-Sahyh Muslim (23), 51.

2-Ibn Mäje /4250